# Uçurymyñ erñegindäki uruş: Gaza

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Uçurymyñ erñegindäki uruş: Gaza UÇURYMYÑ ERÑEGINDÄKI URUŞ: GAZA




*«Hamas» we aşa sagçy ysraýyl hökümeti bu uruşyñ özleri üçin ýoluñ soñudygyny gaty gowy bilýär*

Gaza urşunda bolup geçen ähli tragediýalara garamazdan golaý-goltumda oñyn çözgüt tapyljaga meñzänok.

Bu ýagdaýyñ esasy sebäpkärleri «Hamasyñ» we Ysraýylyñ şindize çenli bu uruşy togtatmak üçin hakyky çözgütleri hödürlemeýänligidir.

«Hamas» 7-nji oktýabrda «soñuny» saýman bir operasiýa geçirdi.

«Hamas» bu operasiýasynyñ hemişeki ýaly gaýtalanýan uruş, yzysüre atyşygy bes etmek hakdaky wagtlaýyn ylalaşyk müddeti we yzyndan ýesir çalşygy görnüşinde boljagyny çak etdi.

Emma «Hamasyñ» bu çaky çykmady. Ysraýyl «Hamasa» juda berk garşylyk berdi. Häzir bu uruşy alyp barýanlaryñ aklynda ýeke-täk bir sorag bar:

– Ertir näme bolarka?

Ysraýylyň häzirki hökümeti şumada çenli bolup geçen hökümetleriň iň sagçysy boljaga meňzeýär. Bu ýagdaý Ysraýyly içinden böldi.
Häzirki wagtda premýer-ministr Binýamin Netanýahu korrupsiýa boýunça aýyplamalardan gaçmaga synanyşýan, Ysraýylyň içindäki we daşyndaky demokratik müddeti paltalamakda aýyplanýan adama öwrüldi.
Şu günki gün Netanýahu başga bir ikilemäniň içine düşdi. Gürrüňi gidýän ikileme Ysraýylyň öz içinde uruşdan soňky soraga jogap bermek üçin açjak derňew işleriniň ikilemesi.
«Hamas» 7-nji oktýabrda «Aksa tupany» adyny beren operasiýasyny nädip gurnady?




Gürrüñsiz, bu sorag birnäçe adamyñ başyny aýlandyryp taşlar. Şol sanda häzir Gazada dowam edip duran uruş (bu ýerde Gazanyñ bigünä halkynyñ gürrdñini edemok) hemme zatdan ötri «Hamas»

bilen Ysraýylyň arasynda bolup geçýär.
Biz bu uruşyň iň ekstremistik we radikal iki tarapyň arasynda bolup geçýändigini görýäris.
Bu bolup geçýänleriň barsy iki tarapyňam getirjek netijelerinden gorkýandyklary üçin yza dolanmasy mümkin däl ikilemäniň içindedigini görkezýär.
«Hamas» getirjek netijelerini öňünden görüp bilmejek operasiýasyny geçirdi. Bu operasiýa «Hamasyň» ne-hä birinji, ne-de ikinji operasiýasydy.
«Hamasyň» geçiren bu operasiýasy palestinalylara hödürlenen mümkinçilikleri gowulandyrmak we ýaraşyk müddetini uzaltmak üçin geçirilmegi meýilleşdirilýän Saud Arabystany-ABŞ hyzmatdaşlygyna berilýän üns bilen bir wagtda bolup geçdi.
«Hamas» bu hyzmatdaşlyk hereketi bolup geçmänkä Gazanyň weýran bolmagyna sebäp boldy.
Şonuň üçinem «Hamas» soňuny saýman eden işi sebäpli gazalylaryň özüni bagyşlamajagyny gowy bilýär.
Şol sanda «garşylyk görkeziş düzüminiň» özüni belanyň üstüne iterendigini-de bilýär. «Hamas» öz ykbalynyň 2006-njy ýylyň liwan urşunda soňuny saýman urşa giren «Hizbullahyň» ykbaly ýaly boljagyny bilmän duranok.
«Hamas» halkara derejesinde Günbataryň Ysraýyla berýän görlüp-eşdilmedik goldawynyň arasynda halkara guramalaryň Ysraýylyň edýän uruş jenaýatlaryny görmezlige-bilmezlige salma möwritiniň geçendigini bilýär.
Ysraýyl we Netanýahunyň aşa sagçy hökümeti meýdandaky netijeler nähili bolup gutaranda-da, ysraýyllylaryň bolup geçenleri bagyşlamajagyny bilýär.
Şol sebäpli «Hamas» we aşa sagçy ysraýyl hökümeti bu uruşyň özleri üçin ýoluň soňudygyny gaty gowy bilýär.
«Hamas» we Ysraýyl yza çekilen tarapyň syýasy we taryhy taýdan ýeňlişe uçrajagyny hem bilýär. Iki tarapam özüne garaşýan hakyky netijeleri eýýämden bilip dur.
Taraplar halkara garşylyknamanyň hökmany suratda bildiriljekdigini we iki döwletlu çözgüt üçin ädim ädilmeginiň talap ediljekdigini bilýär.
Şonuň üçinem «Hizbullah» diş gysyp çydaýar we uruşa girmekden gaça durýar. Çünki «Hizbullah» uruşyň çykdaýjysynyň uçursyz köp boljagyny bilýär. Eýranam munuň soň yza dolanyp bolmajak, hasam beteri uçurymyň erňegindäki uruşdygyna göz ýetirip dur.
Bärde diňe «Hamas» gazalylaryň howpsuzlygyny piňine almaýar.

Şol bir ýagdaýda Netanýahu hem ýesirleriñ we zamuna alynanlaryñ howpsuzlygyna pitiwa edenok.
Bu uruş öñe tarap gaçmagyñ uruşydyr. Bularyñ barsy bize Eýran bilen bir hatarda ähli taraplar üçin hapa, gynançly we masgaraçylykly uruş bilen ýüzbe-ýüz bolandygymyzy görkezýär.
Uruş gutarandan soñ gutulgysyz ýagdaýda täze tapgyra gadam basylar. Palestin sahypasynda hiç kimsäniñ halas bolup bilmejek öwrülişikleri boýna dakylar.
Bularyñ birinjisi-de, gürrüñsiz, palestin hökümetiniñ özüne bolar.

Taryk ALHOMAÝED,

Saud Arabystanly žurnalist. Publisistika